# Terbiýe

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Terbiýe TERBIÝE

Halypa öz şägirtlerine hemişe rowaýatlary, tymsallary aýdyp bererdi. Emma şägirtler bu rowaýatlaryň hikmetine hemişe düşünmeýärdiler. Şeýle bolansoň, günlerde bir gün şägirtleriň biri akyldar halypanyň ýanyna gelýär we sorag bilen ýüzlenýär:
– Siz bize hemişe sapakdan soň bir rowaýaty gürrüň berýärsiňiz, emma biz bularyň manysyna düşünmeýäris ahyryn. Belki, rowaýatdan gelip çykýan manyny hem düşündirseňiz nähili oňat bolardy.
– Siz meni bagyşlaweriň – diýip, halypa ötünç sorapdyr – ýalňyşymy düzetmek üçin bolsa, saňa şetdaly hödür edeýin. Elbetde, sen şetdalyny gowy görýän bolsaň gerek.
– Hawa, halypa.
– Eger garşy bolmasaň, şetdalynyň daşyny hem arassalap berjek.
– Aýdanyňyz bolar, halypa.
– Elbetde, iýmäge gowy bolar ýaly böleklere hem bölüp goýjak.
– Bolardy, halypa, emma men sizi beýle azara goýmak islemeýärin – diýip, şägirt öz-özünden utanyp başlady. Onda halypa:
– Aýdýanyň näme, meni hiç hili azara goýmaýarsyň. Bu işleri özüm etmek isleýärin ahyryn. Eger gerek bolsa şetdalyny çeýnäp hem bererdim – diýip, täze teklibi orta atdy.
– Aýdýanyňyz näme, meniň dişlerim bar, men çaga däl ahyryn – diýip, şägirt geňirgendi.
Bir az wagt dymyp oturan halypa şeýle diýdi:
– Eger-de, men size her bir rowaýatyň manysyny düşündirsem, onda miwäni çeýnäp beren ýaly bolardy.

Nurjemal TÖRÄÝEWA,
Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndaky 66-njy orta mekdebiň mugallymy. Pedagogika we edep-terbiýe